# Gitseň…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gitseň… GITSEŇ…

Ähli aladany zyňyp bir ýana,
Gitseň kalbyň wysallaryn gujaklap.
Aýakýalaň gül düşelen ýaýlada,
Gezseň haý-höwesiň bagryn gyjyklap.

Asly jennet, anbar ysly sährada,
Gamly köňlüň ganatlaryn ýaýsa-da
Uçsaň.
Özgelere dözülmedik dürüňi,
Bulutlaram bulduratsa maýsada.

Gussalaryň perwana deý gaýsalar,
Soňam asla dolanmasa sen taýa.
Arzuwlaryň nikasyny gyýsalar,
Bagtdan doly bije düşse ykbala.

Gitseň.
Ähli aladany zyňyp bir ýana,
Hiç bir ýüki götermese eginleň.
Galsaň ümsümligi hemra tutunyp,
Hiç bir zaman dolanmasaň bu taýa…

Bagtygül TEKÄÝEWA. Goşgular